**N. Açilowa, Ş. Arazberdiýewa**

# MATEMATIKADAN USULY GOLLANMA

**1-nji synp**

Ýokary we orta mekdepler üçin okuw-usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2015

UOK 510 + 373
A 19

**Açilowa N., Arazberdiýewa Ş.**
A 19 **Matematikadan usuly gollanma.** Ýokary we orta mekdepler üçin okuw-usuly gollanma. – A.: Ylym, 2015. – 56 sah.

Ylmy redaktor *B. Haýdarow*

Usuly gollanma başlangyç synp mugallymlaryna, terbiýeçilere, talyplara niýetlenýär. Gollanmada 1-nji synp okuwçylaryny matematikadan okatmaga degişli oýunlar, matematiki diktantlaryň ýazgylary, barlagnamalar üçin ýumuşlar, tapawutlandyryp okatmaklyga degişli mysal-meseleler, matematiki mazmunly matallar hödürlenýär.

TDKP № 29, 2015 KBK 22.1 ýa 72

Redaktory *S. Ärnazarow*
Teh. redaktor *T. Aslanowa*
Suratçy *U. Karanow*
Kompýuter bezegi *Ý. Peskowa*
Neşir üçin jogapkär *H. Saparowa*

Ýygnamaga berildi 23.09.2014. Çap etmäge rugsat edildi 18.02.2015.
Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Şertli çap listi 3,5. Çap listi 3,5. Hasap-neşir listi 1,815.
Neşir № 6. Sargyt № 3. Sany 6000.

Türkmenistanyň Maýyplarynyň zähmet birleşigine.
Aşgabat, 2087 (A. Berdiýew) köç., 66 “W”.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

© N. Açilowa, Ş. Arazberdiýewa, 2015
© “Ylym” neşirýaty, 2015



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen bilim ulgamy günsaýyn ösýär we kämilleşýär. Bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda kämilleşdirmek barada kabul edilen: “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda”, “Türkmenistanda umumy orta bilim bermegiň meseleleri hakynda” (01.03.2013) permandyr kararlar, “Türkmenistanyň Bilim hakynda kanuny“ (15.05.2013), Türkmenistanda onikiýyllyk umumy orta bilime geçmegiň konsepsiýasy eziz Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň dünýä derejesinde bilim başarnyklaryny ele almagyna uly badalga berýär.

Mugallymlar ata-babalarymyzyň “Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor müňini” diýen pähim-paýhasa ýugrulan sözlerinden ugur alyp, ýaş nesliň çuňňur bilimli, giň gözýetimli, zehinli, Watana, halka wepaly, ruhubelent, maksada okgunly, ýokary aň-düşünjeli adamlar bolup ýetişmegini maksat edinýärler.

Häzirki wagtda matematikany okatmakda okuwçylaryň işjeňligini, bilimleri özbaşdak ele almagyny, döredijilikli işlemegini gazanmak, okatmakda dersara baglanyşyga üns bermek iň esasy meseleleriň biri hasaplanýar. Okuwçylaryň gyzyklanmasyny, pikirlenmesini, ýadyny, ünsüni, işlemek ukybyny ösdürmek üçin sapaklaryň döwrebap we netijeli bolmagy zerurdyr.

Bu usuly gollanmada 6 ýaşly 1-nji synplaryň matematika sapaklarynda okatmagyň işjeň usullaryny guramak üçin zerur bolan serişdeler: matematiki mazmunly oýunlar, matematiki diktantlaryň ýazgylary, barlagnamalar üçin ýumuşlar, tapawutlandyryp okatmaklyga degişli mysal-meseleler, matematiki mazmunly matallar hödürlenýär. Şeýle döredijilikli ýumuşlar esasynda okuwçylaryň intellektual, emosional, erk, bilesigelijilik endiklerini ösdürmek göz öňünde tutulýar.

# MATEMATIKI MAZMUNLY OÝUNLAR

## Zynjyr

**Oýnuň maksady:** Ýatdan hasaplamak başarnyklary we endikleri ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Mugallym okuwça pökgi zyňýar we goşmaga ýa-da aýyrmaga degişli mysal aýdýar. Okuwçy pökgini alýar, mysalyň jogabyny aýdýar we pökgini yzyna zyňýar. Meselem, mugallym “3 + 2” diýende, okuwçy “5” diýip, pökgini yzyna berýär we ş.m. Berlen oýun adyna laýyk gelmeýär. Oýun şu görnüşde bolmaly: 3 + 2 = 5 → 5 + 2 = 7 → 7 + 3 =...

## Şadyýan sanlar

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli sanlary artýan we kemelýän tertipde sanamagy berkitmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Okuwçylara kesme 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10 sanlar berilýär. Mugallymyň görkezmesi boýunça sanlar artýan (kemelýän) tertipde hatara düzülýär. Sanlar göni we tersine sanalýar. “Sen haýsy san? Seniň öňüňden (yzyňdan) haýsy san gelýär?” ýaly soraglara jogaplar alynýar.

## Haýsy san ýetmeýär?

**Oýnuň maksady:** 20-ä çenli ikibelgili sanlaryň yzygiderliligini öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Mugallym kesme 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20 sanlardan iki sany aýdýar we synp tagtasynda goýýar. Okuwçylar şol sanlaryň arasyndaky sanlary aýtmaly we görkezmeli. Meselem, mugallym: “13, 16” sanlary goýýar. Okuwçylar olaryň arasyndaky ýetmeýän sanlary, ýagny 14, 15 sanlary görkezmeli we ş.m.

## Öz sanyňy tap

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli sanlary goşmagy we aýyrmagy öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Oýna 3 okuwçy gatnaşýar. Her okuwçynyň arkasyna kesme sanlar asylýar (meselem, 2, 4, 3). Oýunçy özünde haýsy sanyň bardygyny bilmeýär, ol diňe sanlaryň jemini bilýär (meselem, 9). Oýunçy ýoldaşlarynyň arkasynda asylan (meselem, 2 we 4) sanlara seredip, özünde haýsy sanyň durandygyny tapmak üçin 9 sandan bu sanlaryň jemini aýyrýar, ýagny $9 – (2 + 4) = 3$ we özünde 3 sanyň durandygyny aýdýar. Öz sanyny ilkinji tapan okuwçy ýeňiji bolýar.

## Öz ornuňy tap

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli sanlary tanamagy we atlandyrmagy öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:**

Okuwçylara san belgileri berilýär. Kimde näçe san bolsa ol öňe çykyp, şol san ýazylan oturgyçda oturýar. Meselem, 4 san alan okuwçy 4 bilen belgilenen oturgyçda oturýar. Beýleki okuwçylar olaryň öz ornuny dogry tapyp bilendigine syn edýärler. “Sen näme üçin bu ýerde oturdyň?” diýen soraga çaga “Mende 5 sanyň bardygy sebäpli, men 5 bilen belgilenen oturgyçda oturdym” diýip jogap berýär. Oýun 3-4 gezek gaýtalanýar.

## 10-a çenli doldur!

**Oýnuň maksady:** Berlen sana çenli sanyň üstüni doldurmak. Logiki pikirlenmegi we akyl ýetirijiligi kemala getirmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:**

Her okuwça 1-den 10-a çenli san ýazylan kesmesanlar toplumy berilýär. Çagalar kesmesanlar toplumyny öz öňlerinde partanyň üstünde goýýarlar.

Mugallym haýsam bolsa bir sany aýdýar, meselem, 6. Her bir okuwçy 6-dan 10-a çenli sanlary öz kesmesanlar toplumyndan tapýar we olary yzygider artýan tertipde goýýar. Oýun 3-4 gezek dowam etdirilýär.

**Bellik:** Kesmesanlar ýazylan sanlary we oýun üçin sany üýtgedip bolýar.

## Tapyň, haýsy sanlar!

**Oýnuň maksady:** 1-den 20-ä çenli sanlaryň düzümini öwretmek. Sanlary özünden kiçi iki san arkaly aňlatmak endigini ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Sanlar ýazylan tablisa.

**Mazmuny**: 1) Mugallym eline iki sany san ýazylan tablisa alýar, çagalara ol sanlary görkezmeýär. Mugallym çagalara şeýle ýüzlenýär: „Ine, mende iki san bar, olaryň jemi 5-e deň. Olar haýsy sanlar bolmaly? Hany pikirleniň!“. Soraga dogry jogap berlenden soň, mugallym ol sany çagalara görkezýär. Oýna işjeň gatnaşan çagalar höweslendirilýär. Oýun 4-5 gezek gaýtalanýar we mümkin bolan ähli ýagdaýlar görkezilýär.




1-den 20-ä çenli sanlary özünden kiçi iki san arkaly aňlatmak teklip edilýär.

| 15 | |
|---|---|
| 1 | 14 |
| 2 | 13 |
| 3 | 12 |
| 4 | 11 |
| 5 | 10 |
| 6 | 9 |
| 7 | 8 |
| 8 | 7 |
| 9 | 6 |

| 14 | |
|---|---|
| 8 | 6 |
| 2 | 12 |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

| 12 | |
|---|---|
| 7 | 5 |
| 2 | 10 |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

## Olar näçe?

**Oýnuň maksady:** Çagalara 10-a çenli sanlaryň düzümini öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Oýunda monjuklar, daşjagazlar, ownuk predmetler ulanylýar. Mugallym iki elinde näçe monjugyň bardygyny aýdýar. Okuwçylar mugallymyň her elinde näçe monjugyň bardygyny kesgitlemeli. Meselem, mugallymyň "Meniň iki elimde 7 monjuk bar, her elimde näçe monjuk bolup biler?" diýen soragyna okuwçylar "1 we 6, 2 we 5, 3 we 4" diýip jogap berýärler. Kim ilkinji bolup tapsa, şol alypbaryjy bolýar we monjuklary iki eline, meselem, 8 monjuk alýar, beýleki okuwçylar onuň her elinde näçe monjugyň gizlenendigini tapmaly. Oýun 4-5 gezek dowam etdirilýär, her gezekde monjuklar dürli mukdarda alynmaly.

## Pişik

**Oýnuň maksady:** Çagalara iki sanyň jemini tapmagy öwretmek, ýatdan hasaplamak endiklerini berkitmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Okuwçylar pişigiň aýaklaryndaky haýsy sanlaryň jeminiň onuň guýrugyndaky sana deňdigini tapmaly. Meselem, pişigiň guýrugynda 8 san bolsa, onda onuň iki aýagyndaky sanlaryň jemi 8-e deň bolmaly: 5, 3; 6, 2 (ýa-da 1, 7; 8, 0).




Eger 20 sanyň özünden kiçi iki san arkaly aňladylyşy baradaky bilimler berkidilse, onda 20-ni emele getirýän sanlar pişigiň aýaklarynda goýulýar: 11, 9; 15, 5 we ş.m. Oýun 3-4 gezek gaýtalanýar we her gezekde dürli sanlar alynýar.




Şuňa meňzeşlikde haýsy iki sanyň jeminiň 16-a ýa-da 17-ä deňdigini öwretmek üçin maşynlaryň tigirlerine degişli sanlary goýmak bolar: 16 – bu 8 we 8; 7 we 9 we ş.m. 17 – bu 1 we16; 2 we 15; 3 we 14 we ş.m.




## Yzyny dowam et!

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli we 10-dan 1-e çenli sanamak endigini ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi.**

**1-nji usul:** Mugallym 1-den 10-a çenli suratly kartoçkany magnit tagtasyna goýýar. Mugallym kime pökgini oklasa, ol okuwçy suratda näçe şekil bolsa, oňa degişli san aýdýar we şol sandan başlap 10-a çenli sanaýar hem pökgini yzyna berýär.

Soňra oýnuň şerti üýtgedilýär: 10-dan başlap aýdylan sana çenli tersine sanamaly. Mugallym başga kartoçkalary ulanyp, oýny 3-4 gezek gaýtalap biler.

**2-nji usul:** Bu oýun multimedia tagtasynda hem guralyp bilner.



Näçe we haýsy şekil bar?



Näçe şekil bar?



## Pallama gap, dogry jogap tap!

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli we 10-dan 1-e çenli sanamak endigini ösdürmek. Goşmak tablisasyny berkitmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi.**

**1-nji usul**: Mugallym 10 içindäki sanyň islendigini aýdýar we pökgini oklaýar, pökgini tutan çaga ol sanyň öňünden we yzyndan gelýän sany aýtmaly. Meselem, 6 san aýdylsa, onda 5 we 7 diýilýär.

**2-nji usul:** Bu oýny tablisany ýat tutmakda, berkitmekde ulanyp bolýar. Suratda näçe predmet bolsa oňa degişli sanyň öňünden we soňundan gelýän sanlar aýdylýar we olaryň jemi tapylýar.

**Näçe gül?**



**Näçe alma?**



**Näçe açar?**









## Kim bilmeşek

**Oýnuň maksady:** 1-den 10-a çenli deňeşdirmegi öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Mugallym:„Meniň sebedimde kömelekler bar. Olaryň sany 3-den az, birden köp. Olaryň sany näçe? Hany pikirleniň?“ diýip, çagalara ýüzlenýär. Çagalar „iki“ diýip aýdýarlar. Oýun 4-5 gezek dürli sanlar boýunça gaýtalanýar.

Bu oýny multimedia tagtasynda hem geçirip bolýar.






## Şadyýan hasap

**Oýnuň maksady:** 10 we 20 içindäki sanlary göni we tersine sanamak endigini ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** 2 sany meňzeş taýýarlanan tablisadaky sanlary göni we tersine sanamaly.

**1-nji usul:** Okuwçylaryň haýsysy 1-den 10-a çenli sanlary yzygider dogry görkezse we aýtsa, ol ýeňiji bolýar.

**2-nji usul:** 10-dan 1-e çenli sanlary kemelýän tertipde yzygiderli aýtmaly we görkezmeli.

**Bellik:** Bu oýny 20-ä çenli sanlary çalt tapmak we sanamak endigini öwretmek üçin hem ulansa bolýar.

| | | |
|---|---|---|
| 8 | | |
| 3 | 7 | 9 |
| 5 | 1 | 4 |
| 2 | 6 | 10 |

| | | |
|---|---|---|
| 8 | | |
| 3 | 7 | 9 |
| 5 | 1 | 4 |
| 2 | 6 | 10 |







### Sanlary tiz goşuň, ýöne ýalňyşmaň!

**Oýnuň maksady:** Üç sanyň jemini tiz we takyk kesgitlemek. Ýatdan hasaplamak endiklerini kemala getirmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Okuwçylar 2 topara bölünýär. Synp tagtasynda kartondan ýasalan 8 ýa-da 12 deň bölege bölünen tegelek asylýar. Her bölekde bir belgili san ýazylýar, sanlaryň käbiri gaýtalanyp hem biler. Tagtada 3 sany peýkam çyzylan. Töwerek öz okunyň daşyndan aýlanýar, peýkam bolsa dürli sanlary görkezýär. Mugallym ýa-da oýny alyp baryjy töweregi aýlaýar okuwçylar peýkamyň görkezýän sanlaryny goşýarlar.




Meselem: 5 + 7 + 6. Haýsy topar ýalňyşmasa, şol topar ýeňiji bolýar.

## Goşulyjylar

**Oýnuň maksady:** 10-a çenli sanlary iki sanyň jemi görnüşinde aňlatmak başarnyklaryny kemala getirmek. Çaltlygy we ünslüligi terbiýelemek, sanyň düzümini öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Oýna 10 çaga gatnaşýar, olar bir hatara düzülýärler. Her çaganyň eline 1-den 10-a çenli sanlar berilýär. Mugallym haýsydyr bir sany aýdýar, meselem, 7. Oýna gatnaşyjylardan 2 we 5, 3 we 4, 6 we 1 belgili çagalar ýörite goýlan oturgyçlarda oturýarlar. Okuwçylar berlen soraglara jogap berýärler.

Oýny 10 oýunçydan düzülen 2 toparyň arasynda ýaryş hökmünde hem geçirmek bolýar. Haýsy topar ýalňyşmasa, şol topar ýeňiji bolýar.

## Her bir kömelejigi özüniň sebedine salyň

**Oýnuň maksady:** 10-a çenli sanlary goşmagy we aýyrmagy berkitmek, ýatdan hasaplamak endiklerini ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Sebetlere sanlar, kömeleklere bolsa 10-a çenli goşmaga we aýyrmaga degişli mysallar berkidilýär.

**Oýnuň gidişi:** Taýýarlanan sebetleriň hersini bir okuwçy alýar we partalarda ýaýradylyp goýlan kömeleklerden özüne degişlisini sebedine salýar. Haýsy okuwçy kömeleklerini ilkinji ýygnap alsa, ol okuwçy ýeňiji bolýar. Oýun 4-5 gezek gaýtalanýar.




**Bellik:** Bu oýny güller bilen güldanlar esasynda hem gurap bolýar.

## Kim çalasyn

**Oýnuň maksady:** 20-ä çenli sanlary belgilemegi berkitmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** 10 sany tegelek, 10 sany üçburçluk şekilleri almaly.

**1-nji usul:** Mugallym okuwçylary üç topara bölýär. Birinji topardan birinji okuwçy tegelekleri goýýar, bu topardan ikinji okuwçy tegelekleriň näçedigini aýdýar, üçünji okuwçy onuň düzümini aýdýar, dördünji okuwçy sany görkezýär. Şoňa meňzeş gönükmeler ikinji we üçünji toparlarda hem geçirilýär. Hiç bir ýalňyş goýbermedik ýa-da az ýalňyş goýberen topar ýeňiji bolýar.



**1-nji okuwçy:** 

**2-nji okuwçy: 4 (dört)**

**3-nji okuwçy: 2 + 2 = 4; 1 + 3 = 4; 1 + 1 + 1 + 1 = 4; 2 + 1 + 1 = 4;**

**4-nji okuwçy:** 4

**2-nji usul:**

**Oýnuň maksady:** Berlen üç san arkaly goşmak we aýyrmak amallaryna degişli aňlatma düzmegi öwretmek (amala degişli sanlaryň arasyndaky baglanyşygy öwretmek).

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Synpdaky okuwçylar 3 topara bölünýär. Mugallym her topar üçin ýumuş görnüşlerini ýazýar:

10 + 5 10 + 9 10 + 7

Her topardan bir okuwçy bir wagtda çagyrylýar. Olar berlen mysallary çalt we dogry çözmeli, bu sanlar bilen başga mysal düzmeli we özüniň ýoldaşyna geçirmeli. Her toparyň okuwçylary bu sanlar bilen düzülýän ähli mysallary düzýänçäler oýun dowam edilýär. Toparlar boýunça okuwçylar mysallaryň özara baglanyşykly zynjyr görnüşini düzýärler:

| | | |
|---|---|---|
| 10 + 5 = 15 | 10 + 9 = 19 | 10 + 7 = 17 |
| 5 + 10 = 15 | 9 + 10 = 19 | 7 + 10 = 17 |
| 15 = 10 + 5 | 19 = 10 + 9 | 17 = 10 +7 |
| 15 = 5 + 10 | 19 = 9 + 10 | 17 = 7 + 10 |
| 15 – 10 = 5 | 19 – 10 = 9 | 17 – 10 = 7 |
| 15 – 5 = 10 | 19 – 9 = 10 | 17 – 7 = 10 |

Haýsy topar mysallary zynjyr görnüşinde ilkinji düzüp bilse, şol topar ýeňiji bolýar. Oýnuň soňunda mysallaryň bir zynjyry boýunça çagalar goşmakda we aýyrmakda sanlaryň atlaryny, goşmagyň orun çalşyrma häsiýetini aýdýarlar.

## Hany biliň, haýsy san?

**Oýnuň maksady:** Okuwçylaryň ýatkeşligini ösdürmek, ýatdan çalt hasaplamak endiklerini ösdürmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Bu oýny çagalar daşarda öl çägäniň ýüzüne çöp, asfaltyň ýüzüne hek bilen çyzmak (öýde ýa-da synp otagynda oýnalanda kagyz, ruçkadan peýdalanmak) arkaly oýnaýarlar. Oýna gatnaşyjy aşakdaky ýaly tablisany çyzýar we onda 20-ä çenli sanlary yzygiderli däl tertipde ýazýar.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 17 | 4 | 7 | 20 |
| 12 | 5 | 16 | 2 | 9 |
| 19 | 14 | 10 | 13 | 6 |
| 15 | 8 | 3 | 18 | 11 |

Soňra sanawaç sanamak arkaly alypbaryjy saýlanylýar. Alypbaryjy orta çykýar we 20-ä çenli bolan islendik sany aýdýar. Oýunçylaryň haýsysy aýdylan sany tablisadan tapyp birinji çyzsa, şol alypbaryjy bilen ornuny çalyşýar. Bu oýny boş öýjükli tablisada alypbaryjynyň aýdan sanlaryny ýazmak arkaly hem oýnap bolýar.

Oýnuň ýene-de bir görnüşi ol hem tablisanyň öýjüklerine aýyrmaga, goşmaga, köpeltmäge we bölmäge degişli ýumuşlary ýazmak bilen çylşyrymlaşdyryp bolýar. Mysal üçin, alypbaryjy „6” diýse, oýunçylar haýsy öýjükdäki mysalyň jogaby „6-a” deň bolsa, şonuň üstüni çyzýar.

| | | |
|---|---|---|
| 5 – 2 | 3 + 2 | 1 + 1 |
| 2 + 2 | 9 – 1 | 3 + 6 |
| 0 + 1 | 5 + 1 | 10 – 1 |

## Zynjyr

**Oýnuň maksady:** 20-ä çenli sanlaryň alnyşyny, düzümini öwretmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Mugallym tagta 1 tegelejigi berkidýär (ol onlugy aňladýar), soňra sag tarapyndan dikligine birnäçe tegelejigi berkidýär (ol birlikleri aňladýar). Okuwçylaryň biri alnan sany aýdýar, ikinji okuwçy sag tarapdaky sütünjige bir tegelejik goşýar, üçünji okuwçy goşmaga degişli mysal aýdýar, dördünji okuwçy jemi aýdýar. Soňra mugallym indiki sany tagta goýýar we şoňa meňzeşlikde ýene işler dowam etdirilýär.

**Bellik:** Bu oýny multimedia tagtasynda hem taýýarlap, ýerine ýetirip bolýar.




## Iki elimde näçe taýajyk bardygyny bil!

**Oýnuň maksady:** Iki belgili sanlaryň düzümi baradaky bilimleri berkitmek.

**Oýnuň düzgüni we ýerine ýetirilişi:** Mugallym bir eline bir dessejik (10 sany) taýajygy, beýleki eline taýajyklardan alyp, ony

okuwçylara görkezýär. Okuwçylar mugallymyň elinde näçe taýajygyň bardygyny san belgileriniň kömegi bilen görkezýärler ýa-da aýdýarlar. Meselem: bir elinde 1 desse taýajyk, beýleki elinde 6 taýajyk bolsa, okuwçylar 16 sany görkezýär.

Soňra ýumşy çylşyrymlaşdyrmak mümkin: Eger bir elinde 1 desse taýajyk, beýleki elinde 5 taýajyk bolsa, çagalar şol sany bilmeli we 20-ä çenli sanlaryň düzümine degişli mysal düzmeli: 10 + 5 = 15; 11 + 4 = 15; 8 + 7 = 15 we ş.m.



# MATEMATIKI DIKTANTLARYŇ ÝAZGYLARY

**№ 1. Sana çenli döwür**

• Üçburçlukda näçe burç bolsa, şonça-da tegelegi çyz.

• Towukda näçe aýak bar bolsa, şonça taýajyk çek.

• Biri çep, beýlekisi sag tarapy görkezýän iki sany şöhläni çyz.

• Bir setirde 3 sany üçburçluk çek, beýleki setirde edil şonça dörtburçluk çek.

• Depderde üç sany reňkli şar çek, gyzyl şar ýaşyl şardan ýokarda, gök şardan bolsa aşakda ýerleşdirmeli.

**№ 2. 1-den 5-e çenli sanlaryň belgilenişi**

• Sanalanda 3 sanyň öňünden we yzyndan gelýän sanlary ýaz.

• 4-den 1 birlik uly sany ýaz.

• 4-den 1 birlik kiçi sany ýaz.

• Mysallary çöz we jogabyny ýaz:

$3 + 2 =$ $4 – 1 =$ $3 + 1 =$ $3 – 1=$

Iki sany çyzyk çyz: ýaşyl we gök. Ýaşyl gök çyzyga garanda uzyn bolsun, gök çyzyk ýaşyla garanda ýogyn bolsun.

**№ 3. 1-den 10-a çenli sanlaryň belgilenişi**

• Sanalanda 7-den soň gelýän sany ýaz.

• Sanalanda 7-den öň gelýän sany ýaz.

• 6 bilen 8 sanyň aralygyndaky sany ýaz.

• 9 sanyň goňşularyny ýaz.

• 5 sandan 1 birlik uly sany ýaz.

• 5 sandan 1 birlik kiçi sany ýaz.

• 9 sany 1 birlik ulalt, 4 sany 1 birlik kiçelt.

- Mysallary çöz we jogabyny ýaz:

  2 + 1=  2 + 2 =  4 – 2 =  5 – 3 =

- Tegeligiň sagynda dörtburçlugy, çepinde üçburçlugy çyz.

**№ 4. 1-den 10-çenli sanlaryň belgilenişi**

- Aýdylýan gönükmelerdäki sanlary ýaz.
  - – Üç aýy.
  - – Ýedi adam birine garaşmaýar.
  - – Sekize on minut galanda, biz mekdebe gitmeli.
  - – Alty gün işleýäris, bir gün dynç alýarys.
  - – Arynyň alty aýagy, dört sany ganaty bar.
- Seniň ýazan birinji setiriňdäki ýok sanlary ýaz.
- 9 sandan tertip boýunça kiçelýän sanlary ýaz.
- 8 sandan 1 birlik uly bolan sany ýaz.
- 7 sanyň goňşularyny ýaz.

**№ 5. Goşmak we aýyrmak: ± 1, ± 2, ± 3**

- 7 sandan kiçi sanlary birinji setire ýaz.
- Her sana 2-ni goş we jogabyny ikinji setire ýaz.
- Ikinji setirdäki sanlara 3-i goş we jogabyny üçünji setirde ýaz.
- Üçünji setirdäki her bir sandan birinji setirdäki degişli sany aýyr we jogabyny dördünji setirde ýaz.

**№ 6. 10-a çenli sanlarda goşmak we aýyrmak**

- “<”, “>”, “=” belgileriň kömegi bilen aşakdaky gönükmeleri ýaz:

1. 4 san 3-den uly.
2. 5 san 8-den kiçi.
3. 10-dan 1-i aýyrsaň 9-a deň bolýar.
4. 3-e 3-i goşsaň 6 bolýar.
5. 4 we 5 sanlaryň jemi 9-a deň.
6. 10-dan 2-ni aýyrsaň 8 galýar.
7. Birinji goşulyjy 6, ikinji goşulyjy 2, jem 8-e deň.

- Meseläni çöz:

Partanyň üstünde 5 tegelek we 2 sany üçburçluk bar. Jemi näçe sany şekil bar?

**№ 7. Goşmak we aýyrmak: ± 1, ± 2, ± 3, ± 4**

- 7 sandan kiçi bolan islendik sany ýaz.
- Şoňa 2 sany goş we jogabyny ýaz.
- Ikinji sany 2 birlik ulalt we jogabyny ýaz.
- Üçünji sandan 3 sany aýyr we jogabyny ýaz.
- Alnan sany 1 birlik kiçelt we jogabyny ýaz.
- Iň soňky sandan birinji sany aýranyňda 0 alynýar.

**№ 8. 10 sanyň düzümi**

- Birinji setire indiki soraglaryň jogabyny ýaz:
  – Adamyň näçe eli bar?
  – Bir elde näçe barmak bar?
  – Iki elde näçe barmak bar?
  – Üçburçlugyň näçe burçy bar?
  – Üç sany üçburçlugyň näçe tarapy bar?
- Jemde 10 san alnar ýaly aňlatma ýaz.

**№ 9. 10-a çenli sanlarda goşmak we aýyrmak**

Birinji setire gizlenen sanlary ýaz (mysallar bir-birden soragnamalarda görkezilýär)

| | |
|---|---|
| 7 + 1 = □ | 8 – □ = 8 |
| 2 + 2 = □ | 7 – □ = 6 |
| 6 + 1 = □ | 5 – □ = 0 |
| 10 + 0 = □ | 5 – □ = 3 |

Şol sanlary tertip boýunça artýan görnüşde ýaz.

**№ 10. 10-a çenli sanlarda goşmak we aýyrmak: meseleler**

- “+” ýa-da “–“ amallaryň belgisini ulanyp, meselelere degişli aňlatmany we onuň jogabyny ýazyň.

1. Bagda 6 sany alma agajy ösýär, erik agajy ondan 3 sany köp. Bagda näçe erik agajy ösýär?

2. Gözeliň 8 sany süýjüsi bardy. Ol üç süýjüsini jorasyna berdi. Onda näçe süýji galdy?

3. Öýe tabşyrylan ýumuşda 9 sany söz bardy. Jeren iki sözde ýalňyş goýberdi. Jeren näçe sözi dogry ýazypdyr?

4. Maral 10 manat, Merjen 6 manat sowdy. Maral Merjene seredende näçe manat köp sowdy?

5. Mergen dynç alyş döwründe 3 sany kitap okady, Durdy 5 kitap okady. Mergen bilen Durdy jemi näçe kitap okadylar?

6. Synpda 8 gyz we 9 oglan bardy. Gyzlaryň sany oglanlaryň sanyna garanda näçe az?

**№ 11. 10-a çenli sanlary goşmak we aýyrmak: meseleler**

• Setire indiki meseleleriň diňe jogaplaryny ýazyň:

1. Sözlemde 6 söz bar. Jemal 2 sözi baş harplar bilen ýazdy. Jemal näçe sözi setir harplar bilen ýazypdyr?

2. Guwanç 8 manat, Gurban bolsa 2 manat puluny harçlady. Gurban Guwanja garanda näçe manat az harçlapdyr?

3. Myrat kitaphanadan 3 kitap, Serdar bolsa 4 kitap aldy. Myrat bilen Serdar jemi näçe kitap aldylar?

4. Erteki sahnalaşdyrylanda 7 gyz, gyzlardan 1 sany köp oglan gatnaşdy. Erteki sahnalaşdyrylanda näçe oglan gatnaşdy?

5. Gutuda 10 süýji bardy. Şonuň 8-ini iýdiler. Gutuda näçe süýji galdy?

**№ 12. 1-den 20-ä çenli sanlar**

• 1 onlukdan we 2 birlikden, 1 onlukdan we 5 birlikden, 1 onlukdan we 8 birlikden durýan sanlary birinji setire ýazyň.

• Birinji setirdäki sanlaryň öň ýanyndaky sanlary ikinji setire ýazyň.

• Birinji setirdäki sanlaryň yz ýanyndaky sanlary üçünji setire ýazyň.

• 1 onlukdan we 2 onlukdan durýan sanlary dördünji setire ýazyň.

• Dördünji setirdäki ähli sanlary kemelýän tertipde bäşinji setire ýazyň.

**№ 13. 1-den 20-ä çenli sanlar**

• Birinji setire 11, 14, 17 sanlarynyň goňşularyny ýazyň (sanlaryň özüni ýazmaň).

• Birinji setiriň her bir sanyny bir birlik ulaldyň we olary ikinji setire ýazyň.

• Ikinji setirde ýok sanlary üçünji setire ýaz, ýöne ol sanlar 10-dan 20-ä çenli bolmaly.

• Birinji goşulyjysy 10-a deň bolan 11, 14, 17 sanlary jem görnüşinde dördünji setire ýazyň.

• Bäşinji setire □ + □ = 10 ýaly deňlikleriň birnäçe görnüşlerini ýazyň.

**№ 14. 1-den 20-ä çenli sanlar**

• Birinji setire 10, 12, 14, ..., ..., 20 sanlary ýazyň.

• Ikinji setire olardan bir birlik kiçi sanlary ýazyň.

• “<”, “>”, “=” belgileriň kömegi bilen aşakdaky gönükmeleri ýaz:

1. 14 uludyr 11-den.
2. 13 kiçidir 15-den.
3. 10-a 2-ni goşsaň 12 san alynýar.
4. 5 bilen 10-uň jemi 15-e deň.
5. 19-dan 9-y aýyrsaň 10 galýar.
6. Kemeliji 20, kemeldiji 1, tapawut 19.
7. Birinji goşulyjy 7, ikinji goşulyjy 10, jem 17.

**№ 15. 1-den 20-ä çenli sanlar: meseleler**

Meseleleriň jogaplaryny ýazyň.

• Maralda 10 şar bar, ol 4 şary jigisine berdi. Maralda näçe şar galdy?

• Sapar 10 ýaşynda. Wepa ondan 3 ýaş uly. Wepa näçe ýaşynda?

• Galamyň uzynlygy 1dm 4sm, ruçkanyň uzynlygy 1sm gysga. Ruçkanyň uzynlygy näçä deň?

• Bir bedrede 1 litr suw bar. Beýlekisinde 5 litr suw bar. Iki bidonda jemi näçe litr suw bar?

• Döwlet 13 sm uzynlykda çyzyk çyzdy. Onuň çyzmaly çyzygy 1 sm gysga bolmalydy. Döwlet nähili uzynlykda çyzyk çyzmalydy?

**№ 16. Onlukdan geçmek bilen goşmak**

Goşmagyň jogaplaryny setire ýazyň:

• 9-a 2-ni goşsaň... deň;

• 5 bilen 8-iň jemi... deň;

- Birinji goşulyjy 7, ikinji goşulyjy 8, jem... deň;
- 9-y 8-e goşsaň... alynýar.
- 12, 14, 16, 18 sanlary iki sanyň jemi görnüşinde ýazyň.

**№ 17. Onlukdan geçmek bilen aýyrmak**

Aýyrmagyň jogaplaryny ýazyň:

- 18-den 9-y aýyrsaň... galýar.
- 16-ny 8 birlik azaltsaň... alynýar.
- Kemeliji 15, kemeldiji 6, tapawut....
- Jem 12-ä deň. Birinji goşulyjy 5, ikinji goşulyjy... deň.
- 11 2 san uly....
- 14-i 8 san kiçeltseň... alynýar.
- 13 sany almak üçin haýsy sanyň üstüne 4-i goşmaly?
- 8-den 13 näçe uly?
- 8 san 17-den näçe kiçi?

**№ 18. Onlukdan geçmek bilen goşmak we aýyrmak**

Mysallaryň jogaplaryny ýazyň:

- 15-den 7-ni aýryň.
- 6 we 9 sanlaryň jemini tapyň.
- 17-den 6-ny aýryň.
- 4 bilen 8-iň jemini tapyň.
- Kemeliji 12, kemeldiji 5, tapawudy tapyň.
- Birinji goşulyjy 3, ikinji goşulyjy 9, jemi tapyň.
- 11 bilen 9-yň tapawudyny tapyň.
- 8 bilen 7-niň jemini tapyň.

# MATEMATIKADAN BARLAGNAMALAR ÜÇIN ÝUMUŞLAR

## I barlagnama
## 1-den 5-e çenli bolan sanlar

**1.** Haýsy san düşüp galypdyr?
1, 2, 3, □, 5.
a) 3; b) 2; ç) 4.

**2.** 4 sandan öň gelýän sany belgiläň:
a) 4; b) 5; ç) 3.

**3.** 3 sandan soň gelýän sany belgiläň:
a) 3; b) 4; ç) 1.

**4.** 4 we 6 sanlaryň arasynda gelýän sanlary belgiläň:
a) 5; b) 4; ç) 8.

**5.** 2 sanyň goňşy sanlaryny belgiläň:
a) 1 we 3; b) 1 we 4 ç) 3 we 4.

**6.** Eger bir san ikinji sandan kiçi bolsa haýsy belgi goýulýar?
a) >; b) <; ç) =.

**7.** Eger bir san ikinji sandan uly bolsa haýsy belgi goýulýar?
a) >; b) <; ç) =.

**8.** Eger bir san ikinji sana deň bolsa haýsy belgi goýulýar?
a) >; b) <; ç) =.

**9.** Goşmak belgisini belgiläň:
a) – ; b) + ; ç) =.

**10.** Sany artdyrmak üçin näme edilýär?
a) goşulýar; b) aýrylýar;

**11.** Aýyrmak belgisini belgiläň:
a) – ; b) + ; ç) =.

**12.** Iki birmeňzeş gazy belgiläň:




a) 1, 2; b) 3, 1; ç) 1, 4.

**13.** Üç birmeňzeş şekili belgiläň:




a) 1, 4, 7; b) 2, 3, 5; ç) 1, 4, 6.

**14.** Suratda näçe üçburçluk bar?



a) 3; b) 6; ç) 4;

## II barlagnama
## 1-den 5-e çenli bolan sanlar. Goşmak we aýyrmak

**1.** Deňlik dogry bolar ýaly boş öýjüklere degişli sanlary ýazyň:

1) 3 – 2 = □;

a) 5; b) 1; ç) 2;

2) □ + 2 = 5;

a) 7; b) 4; ç) 3.

**2.** Haýsy dogry?

a) 3 > 5; b) 3 = 5; ç) 3 < 5.

**3.** Dogry ýazylan mysaly belgiläň:

a) 5 – 3 = 1; b) 3 – 2 = 4; ç) 3 + 2 = 5;

**4.** Ýyldyzjygyň ornuna dogry belgini goýuň: 4 * 5.

a) >;  b) <;  ç) =.

**5.** Näme köp: güllermi ýa-da kebelekler?



a) güller;  b) kebelekler;  ç) deň.

**6.** Öýjükleriň ornuna degişli sanlary ýazyň:

1) 5 → □ 4  2) 5 → 1 □  3) 5 → 3 □

1) a) 1; b) 5; ç) 9;  2) a) 1; b) 5; ç) 4;  3) a) 1; b) 2; ç) 9.

**7.** Meseleler düzüň we dogry jogabyny belgiläň:



a) 3 + 2;  b) 4 – 1;  ç) 3 + 1.

**8.** Mesele düzüň we dogry jogabyny belgiläň:



a) 5 – 1;  b) 4 + 1;  ç) 4 – 1.

**9.** Mesele düzüň we dogry jogabyny belgiläň:



a) 5 – 3; b) 2 + 3; ç) 5 – 2.

**10.** 5 < □ ýazgy dogry bolar ýaly boş öýjüge degişli sanlary ýazyň:

a) 5, 4, 3, 2, 1; b) 6, 7, 8, 9, 10; ç) 4, 3, 2, 1.

**11.** Bellenen sana 4 san goşulsa, 5 bolýar. Ýatda bellenen san näçe?

a) 1; b) 2; ç) 3.

**12.** Bellenen sandan 2 san aýrylsa, 3 galýar. Ýatda bellenen san näçe?

a) 3; b) 5; ç) 4.

**13.** Suratda näçe sany gönüburçluk bar?



a) 2; b) 3; ç) 1.

**14.** Aşakdaky şekilleriň arasyndan köpburçluklary belgiläň:




a) 1, 2, 3; b) 3, 4, 5; ç) 1, 3, 5.

## III barlagnama
## 6-dan 10-a çenli bolan sanlar. 0 san

**1.** Haýsy sanlar düşüp galypdyr?

1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, □, □, 10.

a) 4 we 6; b) 8 we 9; ç) 6 we 9.

**2.** 7 sandan öň haýsy san gelýär?

a) 6; b) 8; ç) 9.

**3.** 9 sandan soň haýsy san gelýär?

a) 8; b) 10; ç) 7.

**4.** 8 we 10 sanlaryň arasyndaky sany belgiläň:

a) 9; b) 2; ç) 7.

**5.** 8 sanyň goňşy sanlaryny belgiläň:

a) 8 we 9; b) 7 we 8; ç) 7 we 9.

**6.** 1-den 10-a çenli sanalanda, 5-nji orunda haýsy san gelýär?

1, 2, 3, 4, □, 6, 7, 8, 9, 10;

a) 6; b) 5; ç) 4.

**7.** 10-dan 1-e çenli sanalanda, 5-nji orunda haýsy san gelýär?

10, 9, 8, 7, □, 5, 4, 3, 2, 1;

a) 6; b) 5; ç) 7.

**8.** Iň kiçi sany belgiläň:

a) 10; b) 2; ç) 7; d) 3.

**9.** Iň uly sany belgiläň:

a) 2; b) 10; d) 9; e) 0.

**10.** Sanlary kemeltmek üçin näme edilýär?

a) goşulýar; b) aýrylýar.

**11.** Suratda näçe towuk bar?



a) 9; b) 8; ç) 7.

**12.** Sanlaryň haýsysy hiç zadyň ýoklugyny aňladýar?

a) 1; b) 10; ç) 0.

**13.** Suratda näçe üçburçluk bar?



a) 10; b) 8; ç) 9.

**14.** Suratda näçe kwadrat bar?



a) 6; b) 3; ç) 7.

## IV barlagnama.
## 6-dan 10-a çenli bolan sanlar. 0 san
## Goşmak we aýyrmak

**1.** Ýyldyzjygyň ornuna degişli belgini goýuň:
6 * 7
a) >; b) <; ç) =.

**2.** Jogaby 8-e deň bolan mysaly belgiläň:
a) 6 + 2; b) 10 – 1; ç) 6 – 2.

**3.** Jogaby 0 bolýan mysaly belgiläň:
a) 2 + 2; b) 4 + 4; ç) 4 – 4.

Öýjüklere degişli sanlary goýuň (4 – 6):

**4.** □ + 1 = 10.
a) 9; b) 11; ç) 8.

**5.** 2 + □ = 7;
a) 9; b) 5; ç) 4.

**6.** 6 – □ = 4.
a) 2; b) 10; ç) 3.

Nokatlaryň ornuna degişli amallary goýuň (7 – 8):

**7.** 8... 2 = 10.
a) +; b) –.

**8.** 5... 4 = 1.
a) +; b) –.

**9.** Mesele düzüň we dogry jogabyny tapyň:



a) 4 + 5;  b) 5 – 2;  ç) 5 + 2.

**10.** Mesele düzüň we dogry jogabyny tapyň:



a) 7 + 1;  b) 8 – 2;  ç) 8 + 2.

**11.** 1) Suratda näçe çaga bar?




a) 6;  b) 4;  ç) 9.

2) Gyzlar azmy ýa-da oglanlar?

a) oglanlar; b) gyzlar; ç) ikisi deň.

3) Gyzlar oglanlardan näçe az?

a) 2 sany az; b) 3 sany az; ç) 1 sany az.

**12.** 1) Näçe sany alma bar?



a) 6; b) 9; ç) 8.

2) Kirpi näçe sany alma aldy?

a) 4; b) 5; ç) 3.

3) Näçe alma galdy?

a) 6; b) 5; ç) 4.

**13.** 1, 2, 3, 4 sanlaryň jemini tapyň:

a) 8; b) 9; ç) 10.

**14.** Şekillerden dörtburçluklary tapyň:




a) 1, 2, 3, 4, 8; b) 1, 2, 4, 8, 10; ç) 1, 2, 4, 8, 9.

# TAPAWUTLANDYRYP OKATMAK ÜÇIN ÝUMUŞLAR

## II çärýegiň soňunda geçirilýär

**Maksady:**

a) sanamak endiklerini ösdürmek, birbelgili sanlary deňeşdirmegi kemala getirmek;

b) birbelgili sanlaryň düzümini (goşmak tablisasyny) öwretmek, predmetler arkaly goşmagyň manysynyň özleşdirilişini barlamak.

**Birinji dereje:**

**I.**

1) Mugallym 4 predmetli suraty görkezýär we ýumuş tabşyrýar.

Suratda näçe predmet bolsa, şonça öýjügiň daşyny çyz we oňa degişli sany ýaz.

Suratda näçe predmet bolsa, şondan az bolan öýjügiň daşyny çyz we oňa degişli sany ýaz.

2) >, < ýa-da = ?

| | | |
|---|---|---|
| 1…3 | 5…2 | 4…6 |
| 7…9 | 8…5 | 3…5 |

3) Galdyrylan sany ýaz.

1, 2, …, 4, 5, 6, …, 8, …

4) Mysalyň jogabyny ýaz.

| | | |
|---|---|---|
| 2 + 2 | 4 + 1 | 1 + 5 |
| 5 + 1 | 3 + 2 | 4 + 2 |
| 3 + 3 | 5 + 2 | 3 + 5 |

5) Gapda 3 gyzyl we 4 sary alma bar. Her almany tegelek arkaly çyz.

**II.**

1) Mugallym 6 predmetli suraty görkezýär we ýumuş tabşyrýar.

Suratda näçe predmet bolsa, şonça tegelek çyz we oňa degişli sany ýaz.

2) > ýa-da < ?

4…2   3…7   2…5

5…8   9…6   1…3

3) Galdyrylan sany ýaz.

1, 2, 3, …, 5, …, …, …, 9.

4) Mysalyň jogabyny tap.

5 + 3   2 + 3   4 + 1

3 + 4   4 + 4   7 + 2

6 + 2   8 + 1   6 + 1

5) Amanyň 5 gyzyl we 4 gök şary bar. Her bir şary tegelek arkaly çyz.

**Ikinji dereje:**

**I.**

1) >, < ýa-da = ?

3 + 5…9   4 + 2…6   3 + 4…8

2) 3, 8, 5, sanlary ulanyp goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýaz.

3) Mysalyň jogabyny tap.

3 + 1 + 1 + 1 + 1

2 + 1 + 1 + 1 + 1 + 1

4) Birinji goşulyjysy 4-e deň bolan üç sany mysaly ýaz we jogabyny tap.

5) Gutuda 5 ýaşyl we 3 gök galam bar. Ähli galamlary aňladýan mysaly saýlap al we jogabyny tap.

4 + 1   5 – 3   7 + 2   3 + 5   2 + 4

**II.**

1) >, < ýa-da = ?

6 + 2…7   2 + 1…3   3 + 2…7

2) 3, 9, 6 sanlary ulanyp, goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýaz.

3) Mysalyň jogabyny tap.

4 + 1 + 1 + 1 + 1

5 + 1 + 1 + 1 + 1

4) Birinji goşulyjysy 3-e deň bolan üç sany mysaly ýaz we olaryň jogabyny tap.

5) Gözel ir bilen 3, agşam 2 gutap iýdi. Ähli gutaplary aňladýan mysaly saýlap al we jogabyny tap.

3 + 1   3 – 2   3 + 2   3 – 1   6 + 2

**III.**

1) >, < ýa-da = ?

5 + 2…6 3 + 6…9 4 + 2…7

2) 4, 9, 5 sanlary ulanyp, goşmak we aýyrmak amallaryna degişli dogry deňlikleri ýazyň.

3) Mysalyň jogabyny tap.

3 + 1 + 1 + 1 + 1 + 1

6 + 1 + 1

4) Birinji goşulyjysy 2-ä deň bolan üç sany mysaly ýaz we olaryň jogabyny tap.

5) Jeren küýzede 7 bägül we 2 çigildem gülüni goýdy. Ähli güllere degişli mysaly saýlap al we jogabyny tap.

3 + 3 7 – 2 2 + 7 7 + 1 3 + 4

**IV.**

1) >, < ýa-da = ?

3 + 6…8 4 + 3…7 2 + 5…9

2) 2, 7, 9 sanlardan goşmaga we aýyrmaga degişli deňlikleri ýaz.

3) Mysalyň jogabyny ýaz.

2 + 1 + 1 + 1 + 1

4 + 1 + 1 + 1 + 1 + 1

4) Birinji goşulyjy 5-e deň bolan üç sany mysaly ýaz we jogabyny tap.

5) Duralgadan 4 ýeňil maşyn we 5 ýük maşyn çykyp gitdi. Ähli maşynlara degişli bolan mysaly saýlap al we onuň jogabyny tap.

3 + 5 5 – 4 4 + 5 3 + 1 7 + 2

**Üçünji dereje:**

**I.**

1) 5, 3, 1 sanlary ulanyp, dört deňsizligi ýaz.

2) >, < ýa-da = ?

6 + 2... 5 + 2

3 + 4... 4 = 2

2 + 1... 3 + 2

3) 7, 3, 4, 1 sanlardan goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýaz.

4) San okunda sanlary goşmagy we aýyrmagy görkez.

6 + 1 5 – 2

5) Sebetden 2 alma we 3 armyt alyndy. Sebetden näçe miwe alnan bolsa onuň mysalyny ýaz we jogabyny tap.

**II.**

1) 6, 8, 3 sanlary ulanyp, dört sany deňsizligi ýaz.

2) >, < ýa-da = ?

8 + 1... 6 + 3
5 + 2... 3 + 3
7 + 1... 5 + 4

3) 6, 4, 2, 8 sanlary ulanyp, goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýazyň.

4) San okunda sanlary goşmagy we aýyrmagy görkez.

4 + 5 3 – 1

5) Maýsa bir gutudan 5, ikinji gutudan 3 süýji aldy. Maýsa näçe süýji alan bolsa onuň mysalyny ýaz we jogabyny tap.

**III.**

1) 9, 5, 7 sanlary ulanyp 4 sany deňsizlik ýazyň.

2) >, < ýa-da = ?

4 + 3... 6 + 1
6 + 3... 4 + 4
2 + 4... 1 + 8

3) 9, 2, 7, 5 sanlary ulanyp, goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýaz.

4) San okunda sanlary goşmagy we aýyrmagy görkez.

3 + 2 8 – 1

5) Selbi 3 gäminiň, Altyn bolsa 4 gäminiň suratyny çekdi. Selbi we Altyn näçe gäminiň suratyny çeken bolsa onuň mysalyny ýaz we jogabyny tap.

**IV.**

1) 7, 9, 3 sanlary ulanyp 4 sany deňsizligi ýaz.

2) >, < ýa-da = ?

4 + 5... 6 + 3
7 + 1... 2 + 4
4 + 3... 5 + 4

3) 4, 5, 9, 1 sanlardan goşmaga we aýyrmaga degişli dogry deňlikleri ýaz.

4) San okunda sanlary goşmagy we aýyrmagy görkez.

4 + 2 9 – 2

5) Gözel birinji joýadan 6, ikinjiden 3 hyýar aldy. Gözel näçe hyýar alan bolsa onuň mysalyny ýaz we jogabyny tap.

## MATEMATIKI MAZMUNLY MATALLAR

Halk döredijiligine degişli bolan matallary okuwyň mazmunyna laýyklykda ulanmagyň mümkinçilikleri gözlenilýär. Matallar okuw maksatnamasy bilen baglanyşykly bilim berijilik, terbiýeleýjilik we okuwçynyň aňyny ösdürmek maksatlary üçin ulanylyp bilner. Çagalaryň pikirlenmesini, akyl-paýhasyny ösdürmekde matallar uly ähmiýete eýedir. Matal üçin, esasy häsiýet meňzedilýän zadyň, düşünjäniň deňeşdirilmesi, meňzeşligidir. Çaga başga bir zady göz öňüne getirip, meňzedip, deňeşdirip jogabyny kesgitleýär. Şonuň üçin, matallarda matematika bilen bagly düşünjeler köp getirilýär. Meselem:

"Bir küýzede iki suw" (*Ýumurtga*);
"Atasy üç ýaşynda ogly bazara gider" (*Üzüm*).

Matallar has irki döwürlerden bäri ulanylypdyr. Ol irki döwürlerde akyl synamak üçin hyzmat edipdir. Meselem:

Ýaşyň näçe janjagaz,
Iki bir-de onjagaz – diýip, şahyrana görnüşde hem ulanylypdyr.
Matallar, tapmaçalar, kim bilmeşek görnüşinde ulanylýar.

Bir çybyg-a, gür çybyk,
Gür çybykda bir çybyk.
Bir çybykda höwürtge,
Höwürtgede ýumurtga. (*Gowaça*)

Matallar kim bilmeşek ady bilen başlangyç synplaryň okuw kitaplarynda ulanylýar. Matallar tapmaça, kim bilmeşek diýen dürlüçe at bilen ýaşap gelende bolsa, olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri biri-birine meňzeşdir. Matallaryň arasynda hiç hili göçme manysyz, ýönekeý sorag we habar sözlemi görnüşinde düzülýänleri hem bolýar.

Matallar çagalara öwredilende, olaryň ýaş we ýekebara aýratynlyklary göz öňünde tutulýar. Çagalar daş-töwerekdäki tebigat bilen tanyş-

ýarlar. Olar haýwanlary, mör-möjekleri, ösümlükleri synlaýarlar, ir-iýmişleri toplaýarlar, pasyllarda howanyň üýtgeýändigini bilýärler. Janly burçdaky haýwanlara ideg edýärler, hojalyk işlerini ýerine ýetirýärler. Netijede, çagalarda zatlaryň häsiýetleri, tebigatdaky kanunalaýyklyklar barada düşünjeler emele gelýär. Şeýlelik bilen, çagalarda pikirlenmek işi ösüp başlaýar, ýagny olar zatlary seljermegi, deňeşdirmegi, umumylaşdyrmagy we anyklaşdyrmagy öwrenýärler. Sözleriň manysyna üns berip, çagalar olaryň keşplerde aňladylyşyna düşünip başlaýarlar. Matematiki sözleriň-adalgalaryň manysyna akyl ýetirmek bilen, çagalar matallaryň jogabyny tapmaga synanyşýarlar. Çagalara oýlanmaga wagt berilýär. Mugallym matalyň jogabyny aýtmaga gyssanmaýar, onuň jogabyny tapmak üçin çagalara ugrukdyryjy soraglary berýär. Matalyň jogabynyň dogrudygyny ol tassyklaýar, düşündirýär. Çaga matallaryň ýorgudyny tapmagy öwrenmek bilen, daş-töwerege akyl ýetirýär, onuň ünsi, ýady, pikirlenmesi, sanlar, ululyklar, geometrik we ugur düşünjeleri baradaky göz öňüne getirmesi ösýär.

Mugallym matalyň ýorgudyna degişli zatlar, olaryň aýratynlyklary barada gürrüň berýär, soňra çagalara matallary anyklamagy teklip edýär. Meselem, çagalara 2 san barada düşunje berilýän bolsa, mugallym gaýçynyň ulanylyş maksadyny, gurluşyny, onuň bitin zady böleklere bölmekde ulanylýandygyny görkezýär we aşakdaky mataly aýdýar:

Iki uç, iki halka, ortasynda çüýi bar. (*Gaýçy*)

Mugallym matematiki düşunjeleri berkitmekde matallary ulanmak bilen, çagalaryň matematikadan söz baýlygyny ösdürýär.

Türkmen halk matallarynyň birnäçe görnüşleri bar: zat baradaky matallar, erteki häsiýetli matallar, sorag häsiýetli matallar, ýumuş häsiýetli matallar, krosswordlar, rebuslar, sazly matallar we başgalar.

Zat hakyndaky matallar has gadymy döwürlerde döräpdir. Haýsy-da bolsa bir zada, janly-jandara, hadysa ýa-da herekete degişli matallara zat baradaky matallar diýilýär. Zat baradaky matallaryň mazmun taýdan düzülişi köp taraplydyr. Eger-de matal, esasan, öz içine bir zady alýan bolsa, onda oňa ýönekeý matal diýilýär. Eger matal öz içine köp zatlary alýan bolsa, oňa çylşyrymly matal diýilýär.

Boýy bir garyş,
Sakgaly iki garyş. (*Mekgejöwen*)

Bir agajym bar on iki şahaly,
Her şahasy otuz ýaprakly,
Ýapraklarynyň bir ýüzi ak, bir ýüzi gara.

(*Ýyl, on iki aý, otuz gün, gije-gündiz*)

Ýokardaky matallaryň birinjisinde bir zadyň aňladylýanlygy üçin ol ýönekeý matal hasap edilýär. Ikinji matalda köp zat hakynda maglumat berilýär, ol çylşyrymly matallar toparyna girýär.

Zatlar baradaky matallar sorag görnüşinde düzülmän, habar görnüşinde düzülen bolsalar-da, hemme wagt soraglyk düşünjäni berýär. Sebäbi, her bir orta oklanan matal öz diňleýjisinden jogap talap edýär. Şol matalyň esasynda goýlan meseläni çözmäge borçly edýär. Emma soragly matal diňe sorag sözleminden ybarat bolýar. Meselem, zat baradaky matallardan “Dünýäde iň agyr zat näme?” ýa-da “Dünýäde iň süýji zat näme?” we şoňa meňzeşleri sorag görnüşinde oturanlaryň ygtyýaryna berilýär.

Sorag matallary iki topara bölünýär: degişme häsiýetindäki hem-de umumy soragly matallar. Degişme häsiýetindäki soragly matallar pähimli degişmelerden ybaratdyr. Mysal üçin, “Bir sagat 15 minut köpmi ýa-da 75 minut” (*Deň*). “Pişik ýerinden turmanka, näme edýär?” (*Oýanýar*).

Umumy soragly matallarda ylmyň dürli pudaklary boýunça adamyň düşünjesini barlamak göz öňünde tutulýar. Meselem, “Tekiz geometriki şekiller haýsylar?”, “5 san jübütmi ýa-da täk?” we ş. m.

Ýumuşly matallar hem soragly matallar ýaly iki topara bölünýär: degişme häsiýetdäki ýumuşly matallar we umumy çynlakaý ýumuşly matallar. Degişme häsiýetindäki ýumuşly matallar köp taraplydyr. Şeýle ýumuşly matallar çagalaryň pikirlenmesini we başarjaňlygyny ösdürmeklige gönükdirilendir. Bu hili matallar degişme häsiýetindäki soragly matallara gaty meňzeş. Mysal üçin, “Bir kilogram ýüň agyrmy ýa-da bir kilogram daş?” (*Agramlary deň*).

Umumy ýumuşly matallar hem her bir diňleýjisinden başarjaňlygy, pikir öwürmekligi talap edýär. Emma bu hili matallaryň jogaby degişme matallarynyňky ýaly bolman, çynlakaý bolýar. Mysal üçin, “Bir geçini, möjegi hem bir desse ýorunja bedesini ýeke-ýeke köp-

rüden geçirmeli” diýen ýumuş orta atylýar. (Ilki geçini geçirip, soň bedäni geçirmeli we geçini yzyna alyp gaýtmaly. Soňra bolsa möjegi, iň soňundan hem geçini geçirmeli).

Soragly we ýumuşly matallarda adamzat durmuşynyň käbir taraplarynyň beýanyny görmek bolýar. Bu matallaryň hem esasy wezipesi adamlarda başarjaňlygy, paýhaslanmagy terbiýelemekden we käbir ýagdaýlardan çykalga tapmagyň ýollaryny salgy bermekden ybaratdyr. Terbiýeçilik häsiýetine eýe bolan ýumuşly matallaryň käbiriniň, ylaýta-da, matematiki mazmunly matallaryň çagalaryň pikirlenmesini ösdürmekde uly orna eýedigi aýdyňdyr.

Matallaryň ýene bir görnüşi sazly matallardyr. Sazly matal görnüşi soňky döwürlerde ýüze çykypdyr. Köplenç, radio üsti bilen ýörite sazly ýumuşlar berilýär. Şol tapmaça konsertlerde aýdylýan aýdymyň sözüniň, sazynyň kimiňkidigini, ýerine ýetirýäniň kimdigini bilmeklik çagalara teklip edilýär. Matallaryň bu görnüşiniň hem çagalaryň pikirleniş endiklerini ösdürmekde ähmiýeti bardyr.

## Sanlar hakynda matallar

Okuwçylar matematika sapagynda hakyky zatlaryň özara gatnaşyklaryny we matematiki düşünjeleriň arasyndaky baglanyşygy öwrenýärler. Matematika dersiniň mazmunynyň esasy bölegini san düşünjesi tutýar. Bilimler okuwçylara sapaklarda we sapakdan daşary geçirilýän işlerde matematiki mazmunly matallar arkaly öwredilse, has-da maksada laýyk bolar diýip aşakdaky matallary hödürleýäris:

Birje tylla ýüzügim –
Ýagtyldýar dünýäň ýüzün.
(*Gün*)

Özi birdir,
Jany ýok.
Gider otyr,
Sany ýok.
(*Otly*)

Özi bir garyş,
Dili müň garyş.
(*Galam*)

Bir küýzede iki suw,
Günde getirip berer.
(*Ýumurtga, towuk*)

Iki agaçdan asylar,
Bir çagadan basylar.
(*Sallançak*)

Üç aý öli,
Dokuz aý diri,
Gezmeýär biri.
(*Agaç*)

Dişim, dişim sap-sary,
Sanasam köpdür sany.
(*Mekgejöwen*)

Dört okaram hap-da hap,
Birin aç-da birin ýap.
(*Dört pasyl*)

Saýawanly täsin öý,
Ynsanýetiň bagtydyr.
Ýarym gün-ä garaňky,
Ýarym günem ýagtydyr.
(*Asman*)

Dört sany gulagy,
Hem ullakan kellesi.
Ýöne hiç zat eşitmez,
Gije ýatan pillesi.
(*Ýassyk*)

Bir gol içinde otuz iki jöwen.
(*Diş*)

Iki uç, iki halka ortasynda çüýi bar.
(*Gaýçy*)

Sekiz aýakly sergezdan,
Depä çykyp mal gözlär.
(*Sakyrtga*)

Dolama dokuz dony bar,
Bir topbajyk özi bar.
(*Sogan*)

Bir agaçda on iki şaha,
Her şahada otuz ýaprak.
Her ýaprakda bir gül bar.
(*Ýyl, bir aý, gün*)

Biri gara,
Biri akdyr.
Bir-birege
Duşman ýokdur.
(*Gije we gündiz*)

Bir enäniň bäş gyzy bar,
Tahýalary kümüş zerli,
Hemmesiniň ýaşy meňzeş,
Boýy welin dürli-dürli.
(*Eliň barmaklary*)

Bir enäniň on ogly,
Hemmesiniň ady bar.
(*Barmaklar*)

Yedi deşikli gyl ýumak.
(*Kelle*)

Iki atym aýlanýar,
Ol biri yza galýar.
(*Aý, gün*)

Iki goňşy biri-birini görmez.
(*Göz*)

Bir atly gaçar,
Bäş atly kowar.
(*Iňňe, el*)

On dogan ähli ýüki çekýär.
(*Aýagyň barmaklary*)

Iki garyn,
Dört gulak.
(*Ýassyk*)

Ýekeje özi,
Kändir gözi.
(*Elek*)

Özleri dört dogan,
Goşulyşmaýarlar,
dargamaýarlar,
Yza-da galmaýarlar,
öňe-de gitmeýärler.
(*Arabanyň tigirleri*)

Aýagy iki,
Ikidir gözi.
Çakganja biçip,
Kesýändir özi.
(*Gaýçy*)

Iki ýolum bar, bir deregim.
(*Burun*)

Matalym matdy,
Iki gulagy ýatdy,
Ýere girip gum atdy.
(*Pil*)

Bu näme-kä?
Alty sany aýak bar,
Iki el, iki kelle.
Dört aýagy ýöreýär,
Ikisem galgaýar ýelde,
Tapmaça ökde bolsaň,
Jogabyn aýt, gel-de?
(*Atly adam*)

Bäş ýüz tanap gurdular,
Demir penje urdular,
Äleme owaz berdiler.
(*Dokma, darak*)

Üljejigim-üzenjigim,
Bir sapaga düzenjigim.
(*Monjuk*)

Bir gözünden baksaňyz,
Dünýä gaty uludyr.
Bir gözünden baksaňyz,
Dünýä nokat ýalydyr.
(*Dürbi*)

Üsti daş,
Asty daş,
Dört aýakda,
Bir baş.
(*Pyşdyl*)

Bir bölejik odunym,
Saçy ýeter asmana.
(*Tüsse*)

Birini ekdim,
Bir gysym aldym.
(*Däne*)

Ýylda iki gezek possun çalyşýar,
Possun geýip gezýär näme?
(*Goýun*)

Barmakly dört aýagy,
Guýrugydyr taýagy.
Agzy hatap ýalydyr,
Suwdur onuň söýegi.
(*Krokodil*)

Dilim-dilim tasmalar,
Içiberse hassalar,
Iki günde sagalar.
(*Unaş*)

Dyz boýluja,
Iki taýmyl,
Gidip barýar
Oýmul-oýmul.
(*Ädik*)

Daşy galaýa meňzeş,
Öz ýanyna getirýär.
Iki adam bir simden,
Söz alyşyp oturýar.
(*Telefon*)

Bäş dogana bäş dogan,
Biri içinde baş dogan,
Işleýärler agzybir,
Bir-birinden hoş dogan.
(*Barmak*)

Kabul edip görküni,
Günden üzmez örküni,
Başyndaky köp çigit,
Alýar köpüň erkini.
(*Günebakar*)

Bir agzy bar,
Guýsaň dolmaz.
Ýüz gözi bar,
Iýse doýmaz.
(*Elek*)

Pökgä meňzeş, depip bolmaz,
Oklap ýa-da gapyp bolmaz.
Iňňesi kän, sapagy ýok –
Tikinçem diýip bolanok.
Bu näme-kä?
Näme-kä?
(*Kirpi*)

Bir enäň iki zürýady,
Meňzeş ikisiniň ady.
Goňşy ikisiniň öýi,
Ýöne olar ömürboýy,
Bir-birini görüp bilmez,
Bu näme-kä?
Näme-kä?
(*Göz*)

Matallary öwrenmek bilen okuwçylarda ylmy dünýägaraýyş kämilleşýär, zähmete söýgi, dogruçyllyk, tertiplilik we beýleki ahlak tarapy terbiýelenýär. Okuwçylarda pikirleniş işiniň endikleri ösdürilýär, amaly anyk ýagdaýlarda bilimleri ulanmak endikleri kämilleşdirilýär. Matallar okuwçylaryň matematiki dilde sözleýiş baýlygynyň ösmegine ýardam edýär.

## Ululyklar hakynda matallar

Ululyk düşünjesi matematikanyň esasy düşünjeleriniň biri bolup, ol adamzat jemgyýetiniň döremegi we ösmegi netijesinde ýüze çykdy hem-de ençeme asyrlaryň dowamynda ösüp kämilleşdi. Matematiki ululyk – bu durmuşda duş gelýän hakyky zatlaryň, hadysalaryň aýratyn häsiýetleridir, özi hem ululyk diýen umumy düşünje uzynlyk, meýdan, göwrüm, agram, tizlik, wagt we ş.m. takyk düşünjeleri gönüden-göni umumylaşdyrmak arkaly alynýar.

Birmeňzeş ululyklary deňeşdirip, olaryň üstünde arifmetiki amallary geçirip bolýar. Meselem, kesimleriň uzynlygyny biri-biriniň üstüne goýup haýsysynyň uzyn, haýsysynyň gysgadygyny kesgitlemek mümkin, sebäbi, birmeňzeş matematiki ululyklaryň meňzeş häsiýetleri bar.

Zatlaryň ululyklaryny deňeşdirýärler we atlandyrýarlar (uzyn-gysga, inli-insiz, giň-dar, ýogyn-inçe, beýik-pes, agyr-ýeňil we başg.). Ululyk baradaky bilimleri aşakdaky ýaly matallar arkaly berkitmek mümkin:

Dagdan beýik, deňizden çuň.
(*Akyl*)

Atdan beýik, itden pes.
(*Eýer*)

Bir zerreje boýy bar,
Içeri doly toýy bar.
(*Çyra*)

Pessejik boýlyja,
Tamyň içi toýlyja.
(*Çyra*)

Dyz boýy çukurjyk.
(*Ädik*)

Keltejik heleý oba gezer.
(*Dürtgüç*)

Pessejik öýden gar ýagar.
(*Elek*)

Kelte boýly,
Gyrmyzy donly.
(*Burç*)

Uzyn derek, saýasy ýok.
(*Ýol*)

Özi bir kiçijik,
Içi doly jykgajyk.
(*Nar*)

Kiçijik gazan, gyrma palaw.
(*Nar*)

Kiçijik gazan içinde şire palaw.
(*Nar*)

Kelte boýly,
Gyzyl donly,
Ak köýnekli bir ýigit.
(*Igde*)

Togalakdyr hoz däldir,
Owadandyr gyz däldir,
Açylanda gardan ak.
(*Pagta*)

Uzyn-uzyn obalar,
Ak sakgally babalar.
(*Jöwen*)

Dagdan beýik, daşdan pes.
(*Ýol*)

Ýeke aýak, uzyn boý,
Kellesinde şahy kän.
Edýän käri sakçylyk,
Saklaýany penjek, don.
(*Eşik asylýan*)

Palajy uzyn öser,
Gaňrakdan däne asar.
Togalak, reňki akdyr,
Mallar iýse et basar.
(*Jöwen*)

Özi kelte saçy uzyn.
(*Iňňe we sapak*)

Guýrugyndan şahy uzyn.
(*Geçi*)

Kiçijik at kölüň bar suwun içdi.
(*Çemçe*)

Kiçijik oglan kiçijik tahýa
geýer.
(*Barmak, ýüwse*)

Ownujak däneleri,
Doldurýar hanalary.
Dikligine ösýändir,
Tutmaýar ol kän ýeri.
(*Künji*)

Inçemikdir billeri,
Çapyp geçer ýollary.
Gyjaga jan salýandyr,
Guýrugynyň gyllary.
(*At*)

Kellesi uly, boýny inçe.
(*Kelem*)

Ýogyn agaç ýondygyňça
ýognaýar.
(*Ýap*)

Çaldyr, möjek däldir,
Uzyn gulakly, towşanam däldir,
Toýnagy bar, atam däldir.
(*Eşek*)

Elimde ol, elimde,
Birje garyş boýy bar.
Erk etseňiz siz oňa,
Gowy pikir-oýy bar.
(*Ruçka*)

Göwresi bolmaz uly
Düsürşi bar her hili.
Görkleri geçer kagyza,
Mälimmidir ol size?
(*Suratapparat*)

## Wagt bilen baglanyşykly matallar

Wagty kesgitlemek boýunca çagalarda gije-gündiziň bölekleri (ertir ir bilen, gündiz, agşam, gije), yzygiderli gelýän üç güni atlandyrmak (düýn, şu gün, ertir), hepdäniň günleri (duşenbe, sişenbe, çarşenbe, penşenbe, anna, şenbe, ýekşenbe), şonuň ýaly-da, aý, pasyl we ýyl barada düşunjeler kemala getirilýär. Okuwçylarda wagt birlikleri bolan sagat, minut, sekunt we olaryň özara baglanyşygy baradaky maglumatlar ösdürilýär. Bu düşünjeleri aşakdaky ýaly matallar arkaly berkitmek maksadalaýykdyr:

Bile ýetyän iki çukur,
Ol hakda ediň pikir.
(*Balak*)

Aýym bar,
Aý bendim bar.
On iki heýkel,
Bir bendim bar.
(*Ýyl*)

Ertir gider, agşam geler.
(*Uky*)

Öý gapdalynda iki tut,
Biri öl, biri gury.
(*Gyş, ýaz*)

Häki-häki,
Gije-gündiz,
Gezer päkiz.
(*Suw*)

Men bir aždarha gördüm,
Başynda dört şahy bar.
Her şahynyň başynda,
Üç gyz, otuz ogly bar.
(*ýyl, dört pasyl, aý*)

Gündiz ýatar,
Gije uçar.
(*Ýarganat*)

Gyşyna bar, ýazyna ýok.
(*Demiň howry*)

Biz-ä bizdik,
Biz on gyzdyk,
Bir tagtada ýygyldyk
Daň öňünde ýok bolduk.
(*Ýyldyzlar*)

Garaja oglan hoz oýnar,
Gyş oýnamaz, ýaz oýnar.
(*Tomzak*)

Herne görsem ýerinde,
Gije-gündiz ýol ýöräp,
Ýene baksam ýerinde.
(*Aý, gün*)

Gyr at bilen gara atym,
Bir-biriniň yzynda.
Bir-birini kowalap,
Jümle-älem gözünde.
(*Gije-gündiz*)

Galarlar ol gitse,
Hemme jandar armanly,
Dokuz bogundan geçip,
Geler eli dermanly.
(*Ýaz*)

Heke meňzeş ap-akdyr,
Doglan ýeri asmandyr,
Gyşda toprakda ýatar,
Ýazda ol ýere siňer.
(*Gar*)

Baharda hem tomusda,
Ony eşikli gördük.
(*Arça*)

Gije düşse, iki äpişge,
Öz-özünden ýapylýar,
Gün dogan dessine-de,
Öz-özünden açylyar.
(*Göz*)

Ýagýar akja gar,
Meýdan agarýar,
Ýapda suw doňýar,
Bu haçan bolýar?
(*Gyş*)

Bugdaýlar bişýär,
Miwe ýetişýär,
Gije gysgalýar,
Bu haçan bolýar?
(*Tomus*)

Gündiz – doly,
Gije – haly.
(*Köwüş*)

Agyl doly akja guzy,
Ertir tursam ýokja guzy.
(*Ýyldyz*)

Göm-gök mata,
Durşuna ýyldyz.
Ýöne ýyldyzlar,
Görnenok gündiz.
(*Agşam*)

Gök bolýar çöller,
Açylýar güller,
Ekin ekilýär,
Bu haçan bolýar?
(*Ýaz*)

Gelse bu pasyl,
Alynýar hasyl,
Pagta ýygylýar,
Bu haçan bolýar?
(*Güýz*)

Gije – hyzmatda,
Gündiz – rahatda.
(*Çyra*)

Bir otly şar ýokarda,
Ýaldyrap nur dökerde,
Giň dünýäni ýylydar,
Yza däl, ýörär öňe,
Bu näme-kä?
Näme-kä?
(*Gün*)

Okuwçylara ululyk we wagt bilen baglanyşykly düşünjeleri we onuň belli bir pursatlaryny öwretmek möhüm meseleleriň biri bolup, çagalaryň akyl ýetirijilik başarnyklaryny, pikirleniş ukyplaryny, işjeňligini ösdürmekde orny uludyr. Matallaryň jogabyny anyklamak bilen okuwçylaryň pikirlenişi, göz öňüne getirmesi, söz baýlygy kämilleşýär. Matallarda aýdylýan zatlaryň aýratynlyklary we häsiýetleri baradaky düşünjeler ösdürilýär.

## Geometrik şekiller we ugur hakynda matallar

Daş-töwerekdäki zatlaryň görnüşleri baradaky düşünjeler dürli tekiz we giňişlik şekilleri arkaly emele getirilýär. Çagalar daş-töwerekdäki zatlarda geometrik şekilleri görmegi başarmaly. Meselem, äpişgäniň gözenekleri gönüburçluk, elýaglyk kwadrat, ýumurtga süýri, top, şar togalak görnüşde diýip atlandyrýarlar. Kesimleri çyzmaga we ölçemäge, käbir tekiz şekilleri çyzmaga aýratyn üns berilýär.

Ugry kesgitlemek boýunça çagalara özüne görä ugry kesgitlemek, özüne görä zatlaryň ýerleşiş tertibini anyklamak, giňişlikde bir zada görä beýleki zatlaryň ýerleşişini kesgitlemek, tekizlikde ýa-da kagyzda ugry anyklamak ýaly düşunjeler (sag-çep, aşak-ýokary, öňde-yzda, sagdan aşakda, sagdan ýokarda, çepden aşakda, çepden ýokarda, ortasynda, golaýynda, üstünde we şuňa meňzeşler) belli bir yzygiderlikde öwredilýär. Bu düşünjeleri berkitmek üçin matallary teklip edýäris:

Garpyz ýaly togalak,
Saňa haýsysy gerek?
Eger ýüpün goýberseň,
Asmana uçsa gerek.

(*Şar*)

Sary agam içerde,
Gök sakgaly daşarda.

(*Käşir*)

Daşy sandyk,
Içi ýandyk.

(*Otluçöp*)

Bir görseň-ä orak,
Bir görseňem çörek.
Gije asmanda
Bir özi gezek.

(*Aý*)

Bir togalak daşy bar,
Altyndan ýoldaşy bar,
Ony bilen ýigidiň,
Akyl bilen huşy bar.

(*Aý, Gün*)

Dulda bagly gul ýatyr.

(*Sübse*)

Öý üstünde uşak daş

(*Ýyldyz*)

Gökden düşer gymyr-gymyr,
Ýere düşer, halka demir.

(*Ýagyş*)

Tes-tegelek gyzyl daş,
Jümle-jahan ondan hoş.
(*Gün*)

Ýük üstünde ýarpy çörek.
(*Aý*)

Daşdan görseň ýaldyr-ýaldyr,
Ýanna barsaň, akja baldyr.
(*Suw*)

Togalajyk daşym bar,
Içi doly aşym bar.
(*Hoz*)

Agaçdan aty,
Daşdan gaty,
Öýden uly,
Ýumurtgadan kiçi,
Zäherden ajy,
Baldan süýji.
(*Hoz*)

Aý dek egri,
Onuň dişi,
Otuň piri.
(*Orak*)

Ýer astynda altyn gazyk.
(*Käşir*)

Ýaýdan egri,
Ak bilekde
Durar dogry.
(*Bilezik*)

Egrem-bugram enesi,
Gök ýorgandyr çagasy.
(*Ýap*)

Mundan urdum gylyjy,
Arapda şaňlar ujy.
(*Ýyldyrym*)

Ýaş wagtynda orak ýaly,
Orta ýaşda çörek ýaly.
(*Aý*)

Bir guşjagaz uçup dur,
Töweregine seçip dur.
(*Degirmen*)

Tes-tegelek etdigim,
Tegekden çybyk kesdigim.
(*Unaş*)

Egrisinden tutdugym,
Içine derman atdygym.
(*Çäýnek*)

Kölegesiz gol aşar,
Daş ýerden habarlaşar.
(*Radio*)

Asty goýun,
Üsti geçi,
Burny polat,
Guýrugy gaýçy.
(*Garlawaç*)

Egri-bugry, öýe sygmaz.
(*Ýol*)

Orakdan egri,
Okdan dogry.

(*Ýylan*)

Atasy egri-bugry,
Enesi ýaýma ýaprak,
Balasy şirin-şeker.

(*Üzüm*)

Iki barmak ini bar,
Daraýydan dony bar.

(*Burç*)

Ýerden çykdy hoşana,
Sellesi meňzär işana.

(*Kömelek*)

Gaýradan gelýär hallap,
Alty aýagyny sallap,
Gonjak ýerini belläp.

(*Tomzak*)

Ertirine gyssansaň,
Gyzyl şar ýellenýär,
Al-asmana çykansoň,
Töwerek ýagtylanýar.

(*Gün*)

Özi tos-togalak,
Daşy ýylmanak,
Ony kesip iýseň,
Doýanyňy bileňok.

(*Garpyz*)

Suwa gidende saz çalýar,
Yza gaýdanda gözýaş dökýär.

(*Bedreler*)

Görnükli ýerde asylgy,
Kabul edýär habary.

(*Poçta ýaşigi*)

Hil-hilje,
Boýny egrije.

(*Noýba*)

Boýny gyl ýaly,
Garny gol ýaly.

(*Howuz*)

Suw üstünde ýarpy kepbe.

(*Köpri*)

Hamy daşynda,
Tüýi içinde.
Sowuk daşynda
Ýyly içinde.

(*Içmek*)

Gaýradan gelýän hök-hök,
Boýny uzyn gözi gök,
Baý-baý onuň parlaýşyny,
Parsy bolup sözleýşini.

(*Durna*)

# EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 3-nji tom. – A.: TDNG, 2010.

2. *Gurbanow G*. Türkmen halk matallary. – Çärjew. 1960.

3. Hasap horjuny. / Toplan A. A. Garryýew, A. A. Garryýewa. – A.: Türkmenistan, 1973.

4. *Oraztaganow A*. Türkmen sowet çagalar poeziýasynyň antologiýasy. // N. Baýramowyň redaksiýasy bilen. – A.: Magaryf, 1988.

5. *Şamyradow B*. Türkmen halk şahyrana döredijiligi. – A.: Türkmenistan, 1956.

6. Ýedigenim ýedi ýyldyz. – A.: Türkmenistan, 1989.

7. *Жикалькина Т. К*. Игровые и занимательные задания по математике. 1 класс. – М.: Просвещение, 1989.

8. *Илларионова Е. Г*. Учите детей отгадовать загадки. – М.: Просвещение, 1985.

9. *Истомина Н. Б*. Контрольные работы по математике. – Тула: Родничок; – М.: Астрель, 2006. – 264 с.

10. Математика. / Сост. О. Г. Муранец. – Харьков: «Ранок». 2012. – 144 с.

11. *Петерсон Л.Г*. Математика «Учись учиться». 1 класс. Часть 1, 2 и 3. – М.: Ювента, 2012.

12. *Шабалина Э. П*. Первый год – самый трудный. – М.: Просвещение, 1990.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
Matematiki mazmunly oýunlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
Matematiki diktantlaryň ýazgylary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22
Matematikadan barlagnamalar üçin ýumuşlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28
Tapawutlandyryp okatmak üçin ýumuşlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36
Matematiki mazmunly matallar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
Edebiýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55